Ukypda adaty psihologikhadysalara mahsus bolmadyk özboluşlylyk bardyr: özüniň ýüze çykyşynda bir tarapdan ýokary derejedäki aýanlyk bolup, ikinji tarapdan bu aýanlyk onuň özüne doly degişli däldir. Adaty iş-ýumuş bitirmelerinde kemala gelýän şahsyýetiň gazanýan iş netijelerinde onuň haýsy böleginiň ukyp, haýsysynyň bolsa beýlekileriň gazananlaryna ýönekeý öýkünme, ýat tutma esasynda ýetilýändigini anyklamak aňsat däldir. Aýdaly, iki talyp tagtada şol bir temaboýunça birmeňzeş mukdar we hil möçberde mugallyma jogap berýär. Emma hünärmen psihologwe tejribeli mugallym bada-bat bu “meňzeşlikde” düýpli ukyplylyk aýrabaşgalygyny duýýar. Olaryň biriniň jogabyndankanagatlanylyp, ikinjisine bolsa ‚Mundan has gowy jojap berip bilerdi” diýilýär. Görnüşi ýaly ukyp işden üzňe ýüze çykmaýan-da bolsa, şol bir wagtyň özünde işiň netijesinde gös-göni hem aýan bolmaýar. Eýsem işiň netijesinde ukybyň gös-göni aýanlygyny gabatlaýan zat näme?

Bu birinjiden, bu ýerde aýan edilmeklige degişli zat -şol talyplaryň her biriniň tema taýýarlanmaga sarp eden wagtynyň möçberi bolsa, ikinjiden olarda sapak özleşdirmek, onuň mazmunyny gaýtadan dikeltmek, dilüsti we dil üstidäl aragatnaşyk serişdeleriniň üsti bilen ony gürrüň bermek boýunça başarnyk, endikleriniň derejesi, olaryň akgynlylygy, çeýeligi we beýlekilerdir. Biz bu ýerde ukybyň gös-göni bilim, başarnyk endige syrykdyrylmaýandygyna hem göz ýetirýäris. Bilim başarnyk, endikleriň ukyba gatnaşygy gurat ýa-da gurat däl saz guralynyň zehinli ýa-da zehinsiz sazanda gatnaşygy ýalydyr. Gurat bolmadyk saz guraly ussat sazandanyň çalşynyň görküni gaçyrýar. Ýöne aňrybaş naýbaşy dutar hem ortaça ýa-da körzehin sazandanyň mukamyny kaşaňlaşdyryp bilmez.Zehinli okuwçynyň öz ýanyndan “temanyň düýp mazmunyny aňsam bes ony aýdyp beriş, beýan ediş başarnygym ähmiýetli däl” gatnaşykda bolmagy ussat sazandanyň gurat däl dutarda saz çalşy ýalydyr.

Zehinli, ýöne dürli sebäplere görä entek kaşaň sözlem düzüp, sözlere zerur äheňleri berip bilmeýän okuwçynyň çuň mazmunly jogaby guraksyrak, bu başarnyklary ezber özleşdirenleriňkiden birtaraplaýynrak kabul edilmegi mümkin. Tersine, töweregindäkilerden nähili sowala nähili jogap bermelidigini ýat tutma esasynda özleşdiren, emma ýumuş özgerdilende ony döredijilikli çozüp bilmeýän okuwçy daşyndan ukyply häsiýetde kabul edilip bilner.

**Maral ORAZMYRADOWA**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024